# Garry söýgi – gamly söýgi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Garry söýgi – gamly söýgi GARRY SÖÝGI – GAMLY SÖÝGI



Başda oýnan dek çagany,
Sen meni kowduň ugruma.
Uçurdym kelleçanagy,
Gark bolup yşgyň nuruna.

Bir gün duşduk öýüňde seň,
Däliräp gidipdiň neden.
Men ozal ýogrumy ýeten,
Indi baş bermen ýogruma.

Sese dönen adam-gepler,
Biri aýdar, biri eşder.
«Söýemok» diýilýän neşter,
Sanjyldy ýürek bagryma.

Tersinden tersine tutup,
Diňe kowaýmadyň itip.
Men tasdan gidipdim ýitip,
Şol gün ýygryla-ýygryla.

Şygyrýetiň baky sözi,
Halas eder öýtdüm bizi.
Sen tüýs zamananyň gyzy,
Men düşünmedim pyglyňa!

Eý, ylahy çemli söýgi,
Hemişe tagamly söýgi,
Garry söýgi, gamly söýgi,
Siňip git meniň şygryma.

Italmaz AKMYRADOW. Goşgular